# Däliretdiñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Däliretdiñ DÄLIRETDIÑ



Sen güneş, men günebakar
Birje bakman däliretdiň.
Men bir teşne, sen hem akar
Suwa ýakman däliretdiň.
Aklymyň çyragy söndi,
Söýmen nesihaty pendi.
Bolsam-da yşkyňda bendi,
Çözdüň dakman däliretdiň.

Bardyr gowgalar başymda,
Köp gyzlar degre daşyňda,
Mar zähri bardyr saçyňda,
Birje çakman däliretdiň.

Söwdalar düşdi serime,
Goşgyň doldy depderime.
Tükeniksiz dertlerime,
Bolman lukman däliretdiň.

Aşykdym men ýöreýşiňe,
Indi gümra öz işime.
Kä mahal girip düýşüme,
Ýatdan çykman däliretdiň.

Musa GYZYLJA. Goşgular